# Halypa mugallymyň we alymyň täze kitaby ýa-da bilim bermegiň innowasion usuly

Category: Hukuk maslahathanasy,Kitapcy,Nukdaýnazar,Psihologiýa
написано kitapcy | 22 января, 2025

Halypa mugallymyň we alymyň täze kitaby ýa-da bilim bermegiň innowasion usuly Halypa mugallym Taganmyrat Goçyýewiň ýakynda “Ylym” neşirýaty tarapyndan neşir edilen “Türkmen halkynyň ahlak kadalarynyň ulgamy” atly düýpli ylmy işi 261 sahypadan ybarat bolup, özünde 10 baby jemleýär. Ylmy işiň baplarynda biziň halkymyzyň ahlak kadalarynyň toplumy täzeçe, ulgamlaşdyrylan usulda hukuk we sosiologiýa ylymlarynyň nukdaýnazaryndan seljerilýär. Türkmen halkynyň ahlak kadalar binýadyna tertipleşdirilen düzüm hökmünde garalmagy jemgyýetçilik ylymlarynyň nukdaýnazaryndan täzeçe çemeleşme bolup durýar. Halkymyzyň ahlak kadalarynyň ulgamynyň düzüm gurluşyna alymyň we halypa mugallymyň garaýşyny bolsa ylmy işiň mazmunyndan hem görmek bolýar:

Monografiýanyň mazmuny şu aşakdaky baplardan ybarat:

I bap. Maşgala gatnaşyklarynyň ahlak kadalary;

II bap. Mekdep döwrüniň ahlak kadalary;

III bap. Zähmet gatnaşyklarynyň ahlak kadalary;

IV bap. Jemgyýetçilik ýerlerinde özüňi alyp barmagyň ahlak kadalary;

V bap. Janly-jansyz tebigat bilen gatnaşyklary saklamagyň ahlak kadalary;

VI bap. Döwlet bilen raýatlaryň arasyndaky gatnaşyklary häsiýetlendirýän ahlak kadalary;

VII bap. Goňşy we myhman gatnaşyklarynyň ahlak kadalary;

VIII bap. Toý-ýas gatnaşyklarynyň ahlak kadalary;

IX bap. Umumy häsiýetli ahlak kadalary;

X bap. Ahlak çäreleri we olary durmuşa geçirmegiň mehanizmi.

Bu mazmundan görnüşi ýaly, ýaşuly mugallym halkymyzyň ahlak

kadalarynyň tutuş toplumyna mümkin boldugyndan doly seljerme geçirmäge çalşypdyr. Milli ahlak kadalaryny özleşdirmegi has ýeňilleşdirmek maksady bilenem ony öwrenmeklige we öwretmeklige ulgamlaşdyrylan-düzümleýin (segmentar-struktur) çemeleşmäni işläp düzüp, ulanypdyr.

Bu işiň ýene-de bir tapawutly aýratynlygy, ol gaýtadan düýpli işlemezden, ýagny, has sadalaşdyrmazdan dürli ýaşly mekdep okuwçylary hem-de talyplar üçin okuw prosesinde-de aňsatlyk bilen ulanylyp bilinjekdiginden ybaratdyr. Ylmy iş giň okyjylar hem öwrenijiler köpçüligine düşnükli bolar ýaly derejede sada we akgynly dilde ýazylandyr. Şeýle sada dilde öz garaýyşlaryny beýan etmek hem halypa mugallym Taganmyrat Goçyýewiň ähli neşir edilen kitaplarynyň we ylmy işleriniň häsiýetli aýratynlygy bolup durýar. Biziň pikirimizçe, bu kitapda peýdalanylan bilim bermegiň innowasion usuly barada şu aşakdakylary beýan etmek dogry bolar.

Mälim bolşy ýaly, bilim ulgamynyň ösüşi tutuş jemgyýetçilik ösüşiniň esasy kesgitleýji şertleriniň biri bolup durýar. Ýaşlaryň bütindünýä ösüşiniň özenini emele getirýän ylym-bilimleri netijeli özleşdirmeklerini üpjün etmek üçin hem, ylmyň we tehnikanyň gözeilmez çaltlykda ösýän häzirki döwründe, bilim bermegiň innowasion usullaryny işläp düzmek we olary umumy orta, başlangyç hünär, orta hünär we ýokary hünär okuw mekdepleriniň, şonuň ýaly-da ýokary okuw mekdebinden soňky hünär bilim beriş tejribesine giňden ornaşdyrmak oňat netijeleri gazanmaklyga getirip bilerdi. Bilim bermegiň innowasion usullary işlenip düzülende-de, ylym-bilim ulgamynda onlarça ýyllaryň dowamynda zähmet çeken halypa mugallymlaryň baý iş tejribesini peýdalanmak maksadalaýyk bolar.

Häzirki döwürde, biziň pikirimizçe bilim bermegiň şeýle innowasion usullarynyň eýýäm doly we gutarnykly derejede işlenip düzülen hem-de tejribede barlanyp görlüp, netijeliligi ykrar edilen görnüşleri-de bar. Çärýek asyryň dowamynda ýurdumyzyň baýry ýokary okuw mekdebi bolan Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde mugallymçylyk bilen meşgullanyp gelýän, ýuridik ylymlaryň kandidaty, dosent Taganmyrat Dallaýewiç Goçyýew tarapyndan geçen asyryň 80-nji ýyllarynda

işlenip düzülen hem-de häzirki güne çenli yzygiderli kämilleşdirilip gelinýän, bilim bermegiň innowasion usuly hem üns bermäge we bilim beriş tejribesine ornaşdyrmaga mynasypdyr. Bu usulyň nazary esaslary Taganmyrat Goçyýewiň şu aşakdaky gollanmalarynda giňden açylyp görkezilýär:

1. Гочиев Т.. Методические указания по организации и проведению учебных игр по отдельным категориям брачно-семейных дел. Учебное пособие. Aşgabat, 1988;
2. Гочиев Т.. Проведение практических занятий по юридическим дисциплинам в форме учебных игр. Межвузовский сборник методических статей, Aşgabat, 1990;
3. Goçyýew T.. Hukuk bilimlerini özleşdirmekde okatmagyň progressiw usullaryny we serişdelerini ulanmak. Aşgabat: Altyn Asyryň ykdysadyýeti, 2009, №7 we ş.m..

Bu täze usul sadalygy hem netijeliligi bilen ünsi özüne çekýär. Onuň düzüminde, halkara we milli bilim beriş tejribesinde öňden bäri işjeň, ýöne her haýsy aýry-aýrylykda ulanylyp gelinýän bilim bermegiň çyzgylar, sowalnamalar, meseleler, okuw oýunlary, bäsleşik görnüşinde geçirilýän sapaklar, hukuk ulanyş tejribesiniň resminamalarynyň düzüm böleklerini we mysaly nusgalaryny düzmek ýaly okuw usullary toplumlaýyn hem logiki yzygiderlilikde bir ýere jemlenilýär.

Bu usulyň wajyp düzüm bölekleriniň esasylary barada aýdylanda, onda bir temany okuwçynyň (talybyň) dykgatyna ýetirmek üçin, ilki onuň mazmuny gysgajyk we örän sada dilde, düşnükli beýan edilýär. Soňra okuwçynyň (talybyň) görüş ýatkeşliginiň ähli mümkinçiliklerini doly peýdalanmak hem-de ony ýadatmazlyk maksadyndan ugur alyp, temanyň mazmunynda getirilen kesgitlemeleriň, aňlatmalaryň hem maglumatlaryň özeni has sadalaşdyrylyp, dürli reňkler bilen reňklenen çyzgylarda berilýär. Çyzgylardan soň bolsa, temanyň doly özleşdirilmegini gyzykdyrmak hem-de okuwçynyň (talybyň) özüniň bilimini özbaşdak barlamaga mümkinçilik bermek üçin, T.D. Goçyýewiň özüniň belläp geçişi ýaly: “içinde “akyl duzaklary” gurlan”, sada hem özüneçekiji sowalnamalarda temanyň esasy soraglarynyň jogaplary “gizlenilýär”. Bilim bermegiň bu innowasion usuly T.D.Goçyýewiň we şägirtleriniň taýýarlan hem-de 2010-njy

ýylda, “Ylym” neşirýaty tarapyndan neşir edilen, “Nika, maşgala we kanun” atly okuw-usuly gollanmasynda we Türkmen döwlet neşirýat gullugy tarapyndan neşir edilen, “Arbitraž iş ýöredişi” atly okuw kitabynda hem netijeli ulanylýar.

Halypa mugallym tarapyndan işlenip düzülen, bilim bermegiň bu innowasion usuly, biziň pikirimizçe hukuk bilimlerini bermekde özüniň netijeliligini subut etdi. Geljekde-de ol degişli hünärmenler tarapyndan gumanitar, jemgyýeti öwreniş ylymlarynyň aglaba köpüsini, şol sanda tebigy ylymlaryň psihologiýa ylmy ýaly käbir görnüşlerini öwretmek üçin okuw kitaplaryny, gollanmalaryny we ş.m. taýýarlamakda netijeli ulanylyp we geljekde ýaş alymlar hem mugallymlar tarapyndan has-da kämilleşdirilip bilner diýip hasaplamaga doly esas bar.

Halypa mugallymyň özi öz okuw usulynyň käbir düzüm böleklerini şeýle açyp görkezýär:

Okuw prosesinde meýilleşdirilen temalaryň has düýpli hem netijeli özleşdirilmegi üçin çyzgylardan, tablisalardan we testlerden giňişleýin peýdalanylmaly. Bu okuw-usuly serişdeler barada gysgaça durlup geçilende, şulary bellemek bolar.

Çyzgylar (tablisalar). Okuw prosesinde beýan edilýän temalaryň has wajyp institutlary, kadalary hem düşünjeleri çyzgylarda ýönekeý, anyk we gysga görnüşde ýerleşdirilýär. Çyzgylarda temanyň özenini düzýän meseleler olaryň logiki yzygiderliligini çöşläp boljak ýagdaýda berilýär. Talyplaryň (okuwçylaryň) wezipesi, çyzgylaryň üsti bilen temalaryň mazmunyny, olaryň logiki zynjyryny üzmezlik şerti bilen dolulygyna göz öňüne getirmekligi başarmak bolup durýar. Has sada aýdylanda, talyplar (okuwçylar) çyzgylara düşünip, olary “gepletmegiň” hötdesinden gelmeli. Görüş ýatkeşliginiň temalary özleşdirmekde ähmiýeti uludyr. Esasan hem bellibir wagtyň geçmegi bilen geçilenler ýatlananda çyzgylaryň ähmiýeti has-da wajypdyr.

Testler. Okuw prosesiniň temalaryny özleşdirmekde testleriň-de aýratyn ähmiýeti bardyr. Testleriň jogaplary dörtden az bolmaly däldir. Jogaplaryň her biri-de özüne çekiji hem ynandyryjy bolmalydyr, many-mazmun taýdan bolsa mümkin boldugyça ýakyn bolmalydyr. Şeýlelikde, testleriň jogaplary

talyplardan (okuwçylardan) çynlakaý pikirlenmegi talap edýän “akyl duzaklaryna” meňzemelidir. Testlerde dogry, nädog¬ry ýa-da kanuna doly laýyk gelýän jogaplary tapmaklyk tabşyrylýar. Kanuna (öwrenilýän dersiň umumy ykrar edilen nazary esaslaryna) doly laýyk gelýän jogaby tapmak diýmek, beýleki jogaplaryň hem bellibir derejede dogrudygyny aňladýar. Bu ýerde talyplaryň (okuwçylaryň) öňünde deňeşdirme ýoly bilen has anyk kanuny (öwrenilýän dersiň umumy ykrar edilen nazary esaslaryna dogry gelýän) jogaby tapmak wezipesi durýar. Testleriň temanyň beýan ediliş logiki yzygiderliliginde ýerleşdirilmegi hökman däldir.

Hukuk ylymlarynyň kandidaty, dosent Taganmyrat Goçyýewiň hukuk ylmynyň aýry-aýry ugurlary boýunça onlarça ýyllaryň dowamynda ýerine ýetiren we neşir edilen ylmy işleri hökmünde şu aşakdakylary görkezmek bolar:

1. Гочыев Т. Социально-правовые аспекты расторжения брака судом. Известия АН ТССР-Серия общественных наук – 1983, №3;
2. Гочыев Т. Лишение родительских прав: социально-правовые проблемы. Известия АН ТССР-Серия общественных наук – 1984, №3;
3. Гочыев Т. Установление отцовства в суде. Правоведение–1985, №1;
4. Гочыев Т. Процессуальные вопросы взыскания алиментов с родителей на содержание несовершенно-летних детей. Известия АН ТССР-Серия общественных наук – 1986, №4;
5. Гочыев Т. Процессуальные особенности рассмотрения отдельных категорий гражданских дел. Aşgabat, 1987;
6. Гочыев Т. Методические указания по организации и проведению учебных игр по отдельным категориям брачно-семейных дел. Aşgabat, 1988;
7. Гочыев Т. Судебная защита прав и интересов в сфере брачно-семейных отношений. Aşgabat, 1988;
8. Гочыев Т. Правовое регулирование брака и развода в Туркменской ССР. Aşgabat, 1990;
9. Гочыев Т. Проведение практических занятий по юридическим дисциплинам в форме учебных игр. Aşgabat, 1990. (межвузовский сборник методических статей);
10. Гочыев Т. Процессуальные особенности рассмотрения

брачно-семейных дел. Aşgabat, 1990. (Программа специальных курсов кафедры гражданского права и гражданского процесса);
11. Goçyýew T. Nika, maşgala, kanun. Ylham neşirýaty, Aşgabat, 1996;
12. Goçyýew T. Hukuk döwletiniň türkmen nusgasy // Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň “Altyn asyrdaky altyn gadamlary”. Aşgabat, 2002 ýyl;
13. Goçyýew T. Orta mekdepleriň VIII synp okuwçylary üçin “Türkmenistanyň döwlet we hukuk esaslary”. Aşgabat, 2002;
14. Goçyýew T. Saparmyrat Türkmenbaşynyň adalat jemgyýeti hakyndaky taglymaty – Goçyýew T. Türkmenistanyň adalat ulgamyny özgertmegiň esasy. Demokratiýa we hukuk žurnaly, 2003 №2;
15. Goçyýew T. Türkmenistanyň döwlet we hukuk esaslary (orta mekdepleriň VIII synpy üçin okuw kitaby). Türkmen döwlet neşirýat gullugy, Aşgabat, 2005;
16. Goçyýew T. Ykdysadyýet ýaýrawynda adyl kazyýetiň amala aşyrylmagynyň özgerdilmegi // Altyn Asyryň ykdysadyýeti, 2009, №1;
17. Goçyýew T. Hukuk bilimlerini özleşdirmekde okatmagyň progressiw usullaryny we serişdelerini ulanmak // Altyn Asyryň ykdysadyýeti, 2009, №7;
18. Goçyýew T. Arbitraž işleriň kazyýetiň garamagyna we belli bir kazyýetiň garamagyna degişliliginiň meseleleri // Altyn Asyryň ykdysadyýeti, 2009, №9;
19. Goçyýew T. Arbitraž iş ýöredişini hukuk düzgünleşdirmeginiň meseleleri // Altyn Asyryň ykdysadyýeti, 2009, №11;
20. Goçyýew T. Galkynyşlar zamanasynda hukuk reformasynyň strategiýasynyň durmuşa geçirilişi // Altyn Asyryň ykdysadyýeti, 2010, №1;
21. T.Goçyýew, S.Ataýew, A.Çaryýew. Nika, maşgala we kanun. Okuw-usuly gollanma. A.: Ylym, 2010;
22. T.Goçyýew, S.Ataýew, A.Çaryýew. Arbitraž iş ýöredişi. Okuw kitaby. A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010;
23. Goçyýew T., Ataýew S. Beýik Galkynyş zamanasynyň hukuk ideologiýasy we medeniýeti. Aşgabat: Altyn Asyryň

ykdysadyýeti, 2010. №5;
24. Goçyýew T.D. Türkmenistanyň arbitraž kanunçylygyny özgertmegiň konstitusion esaslary. Monografiýa. – A.: Ylym, 2011;
25. Goçyýew T.D. Ahlak kadalarynyň jemgyýetçilik ähmiýeti. Ylmy-okuw gollanmasy – Aşgabat: Ylym, 2016;
26. Goçyýew T.D. Türkmen halkynyň ahlak kadalarynyň ulgamy. Monografiýa. – Aşgabat: Ylym, 2018.

Görkezilenlerden başga-da halypa mugallymyň we milli hukuk ylmynyň görnükli alymynyň ylmy iş ýazmak boýunça öz toplan tejribesini paýlaşmak nukdaýnazaryndan eden belliklerini hem şu ýerde beýan edilse dogry bolar.

Ylmy iş (dissertasiýa, monografiýa, ylmy makala) ýazylanda birnäçe ylmy usullar ulanylýar. Ýaş alymlara hukuk meseleleri bilen bagly iş ýazylanda şu aşakdaky ündemelerden ugur almaklygy maslahat berýäris:

1. Islendik ylmy işde bir ýa-da birnäçe aňlatmalar (adalgalar, düşünjeler, institutlar) awtor tarapyndan derňelýän temanyň özenini düzýär. Ilkiniji nobatda şolaryň manysyna doly we dogry düşünmek ylmy iş ýazmak üçin möhümdir. Bu wezipäni zerur ylmy çeşmeleri, şol sanda köpugurly sözlükleri (hukuk, ykdysadyýet, lingwistik we ş.m.) düýpli seljerip amala aşyryp bolar.

2. Awtor derňelýän ylmy işiň temasy bilen bagly edebiýatlary, şol sanda daşary ýurtlarda çap edilen çeşmeleri anyklamaly we olary hemmetaraplaýyn seljermeli. Aýratyn-da GDA girýän döwletleriň edebiýatlaryny, sebäbi olaryň hukuk binýadynyň esasynda sowet hukuk mentaliteti oturandyr. Awtor beýleki alymlaryň haýsy pikirlerini we garaýyşlaryny goldaýar ýa-da tersine olara garşy çykýar, şolary anyk kesgitlemeli. Özi-de ol öz garaýyşlaryny hökman ylmy nukdaýnazardan esaslandyrmaly. Galyberse-de ylmy çeşmeleri seljermek bilen edebiýatlarda haýsy meseleleriň häzirki güne çenli çözülmänligine, ýüze çykarylmanlygyna göz ýetirmek bolar. Olaryň ylymda we tejribede getirip biljek oňyn netijelerini esaslandyrmagyň hötdesinden gelinmegi, awtoryň şol tema boýunça ylmy

maksatlaryny we ondan gelip çykýan wezipeleri täzeçil çözmäge uly goşant goşdugy bolar. Ýaş alymlar tarapyndan ylmy işlerinde ulanan çeşmelerine, esasan hem soňky döwürde çykan edebiýatlara salgylanmagy ýatdan çykarmazlygy ylmy işiň hiliniň ýokary bolmagynyň esasy şertleriniň biridir.
3. Her bir ýazylýan ylmy iş jemgyýetiň, esasan hem ykdysadyýetiň ösüşine pozitiw täsir etmelidir. Şonuň üçin ylmy iş tejribe bilen içgin tanyşman, onda çözgüdini talap edýän meseleleri öwrenmän ýazylmaýar. Ylym bilen tejribäniň simbiozy, ýagny olaryň utgaşdyrylyp seljerilmegi ylmy iş ýazmagyň hökmany talabydyr. Ylym tejribäni ösdürýär, tejribe bolsa öz gezeginde ylmyň özgermegi üçin zerur synag meýdançasy bolup durýar. Diňe şu usul bilen kanunçylygy hem-de hukuk ulanyş tejribesini kämilleşdirip, tejribäniň ösýän we üznüksiz özgerýän talaplaryny kanagatlandyryp bolar.
4. Ylmy iş ýazylanda ösen jemgyýetleriň kanunçykaryjylyk we hukuk ulanyş tejribesiniň seljerilmegi möhümdir. Ylymda muňa “deňeşdirme seljermesi” diýilýär we hukuk ylmy äleminde iň netijeli ylmy usullaryň biri hasaplanýar. Bu usulyň kömegi bilen Türkmenistanyň kanunçylygyny halkara ülňüleriniň talaplaryna laýyk getirilmegini hem-de halkara hukuk kadalarynyň döwletimiziň kanunçylygyna ornaşdyrylmagyny üpjün edip bolar. Netijede milli hukuk ulgamynyň döwrebap özgerdilmegini gazanyp bolar.
5. Hukuk boýunça ylmy işlerde ylmy usullaryň başga-da giň toplumy ulanylýar (sosiologik-derňew, analiz, sintez we beýlekiler). Şulardan hukuk ylymlarynda has ygtybarly usul hökmünde ulanylýany sosiologik-derňew usulydyr, esasan hem göwnejaý düzülen anketalaryň üsti bilen dogry gurnalyp geçirilen sosiologik-derňewiň netijesinde hereket edýän kanunçylygy hem-de hukuk ulanyş tejribesini kämilleşdirmek boýunça doly we hemmetaraplaýyn esaslandyrylan teklipleri öňe sürüp bolar.
6. Ylmyň işiň mazmuny logiki yzygiderlilige eýermelidir. Logikanyň kadalaryna laýyklykda sözlem sözlem bilen, bent bent bilen sepleşmeli, biri beýlekisiniň üstüni doldurmaly, pikiri dowam etdirmeli, hemmesi bilelikde bolsa akyl ýöredişiň

mizemez zynjyrjygyna düzülmeli. Pikirler hususydan umuma ýa-da tersine umumydan hususa tarap hereketde bolmaly. Awtoryň gelen netijeleri, tekstiň mazmunyna gabat gelmeli. Ylmy işiň mazmuny sada we düşnükli dilde ýazylmaly, ýagny ol şol ugurdan hünärmen bolmadyk okyjylara-da düşnükli bolmaly. Munuň özi awtordan irginsiz, erjel zähmeti talap edýär.

7. Türkmen jemgyýetini özgertmek bilen bagly ylmy işde kanunçykaryjylyk we hukuk ulanyş tejribesini kämilleşdirmek boýunça teklipler edilende awtor tarapyndan göz öňünde tutulmaly birnäçe hökmany ýörelgeler bar: halkyň mentaliteti, milli demokratiýanyň aýratynlyklary, ýurdumyzyň ösüşiniň ewolýusion ýoly, jemgyýetçilik aňyýetiniň derejesi, döwletimiziň hemişelik bitaraplyk statusy, dünýä tejribesiniň gazananlarynyň ulanylyşy, milli bähbitleriň ileri tutulmagy, özgertmeleriň sosial häsiýetli bolmagy, realizm syýasaty, sagdyn pragmatizm syýasaty.

Biziň pikirimizçe, teklip edilýän ylmy usullaryň toplumy gumanitar, jemgyýeti öwreniş, tebigy ylymlarda hem netijeli peýdalanyp bilner. Elbetde teklip edilen ündemeleriň çuňlaşdyrylmagy hem-de aýdyňlaşdyrylmagy zerurdyr. Şonuň bilen baglylykda-da bu usullary geljekde has-da kämilleşdirmek we ýaş alymlaryň bu ugurdan amala aşyrjak işlerini gönükdirmek babatda halypa alymlaryň öňünde ýokary jogapkärçilikli wezipeler durýar. Hukuk maslahathanasy